# Dag goçy hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dag goçy hakynda hekaýat Dag goçy hakynda hekaýat

Bolýar dag goçunda şu hili endik,
Saýlap gaýalaryñ nirde belendin.

Aga-ýana gezer, hüşgärdir, sakdyr,
Özün daşda tutar gaplañdan, okdan.

Her öñýeten awça añsat aw bolman,
Abanýan howplardan sypar ol aman.

Golaýyna baryp bilmäni üçin,
Awçylar kömegne daýanýar geçiñ.

Goç ho-ol pesde dag geçisin gördügi,
Ýatdan çykyp, önki saklyk endigi.

Serin duman alyp, gözi ümezläp,
Taýyna gowuşmañ çäresin gözläp.

Bolup oñ ugrunda her zada taýyn,
Şuwlap gaýdýar depesinden gaýanyñ.

Awçylar belet oñ bu gylygyna,
Jadylanyp yşkyñ çakylygyna.

Guran hilelerine aldanjagyny,
Özlerine ap-añsat aw boljagyny.

Bilenleri üçin güldürip için,
Başyna ýetýärler olar dag goçuñ.

Gözsüz batyrlygy kä gahrymanyñ,
Açyk howpdan kän ýetirýär zyýanyn. Goşgular